**Ýurdumyzyň Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdep okuwçylarynyň arasynda biologiýa we himiýa dersleri boýunça geçiriljek Açyk internet olimpiadasy**

## II. BÄSLEŞIGIŇ ESASY WEZIPELERI

- häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak arkaly nazary meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;
- zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak hem-de höweslendirmek;
- sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okumekdepleri bilen orta mekdepleriň özara aragatnaşygyny pugtalandyrmak;
- bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklere gatnaşýan okuwçylaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak;
- mekdep okuwçylarynyň intellektual ösüşi bilen bagly hünär saýlamaklaryna oňyn şertleri döretmek.

## III. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI WE ŞERTLERI

- 2024-nji ýylyň 2-nji dekabrynda sagat 10:00-da “Biologiýa” dersi boýunça, 3-nji dekabrynda sagat 10:00-da bolsa “Himiýa” dersi boýunça bellenilen Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdepleriň bir wagtda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy bilen online görnüşinde göni wideo aragatnaşyk arkaly baglanyşmagy bilen geçiriler.
- Biologiýa we himiýa dersleri boýunça olimpiada ýurdumyzyň ähli Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdepleriň okuwçylarynyň arasynda geçirilip, dersler boýunça aýratynlykda mekdepleriň 10-njy, 11-nji we 12-nji synp synplarynyň her birinden 3 (üç) okuwçy gatnaşyp biler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň web saýtynyň *(https://ihba.edu.tm/)* üsti bilen bilim portalynyň binýadynda orta mekdepleriniň özünde *onlaýn* boýunça gatnaşmak arkaly geçiriler;
- Gatnaşyjylaryň ählisi şahsy häzirki zaman kompýuterleri bilen üpjün edilmelidir. Ähli kompýuterleriň internete çatylmagy hökmanydyr (internet ýeterlikli tizlikde işleýän bolmaly);
- Olimpiadanyň geçirilýän ýerini doly gözegçilikde saklamak we ýazgy etmek üçin web kamera gurnamaly hem-de olaryň mikrofonlary olimpiada tamamlanýança doly işjeň ýagdaýda açyk bolmaly;
- Gatnaşyjylara öz ýany bilen aragatnaşyk serişdelerini, elektron-hasaplaýjy tehnikany, foto, audio we wideo enjamlaryny, gözükdiriji serişdeleri hem-de maglumat göterijileri, aragatnaşyk geçiriji islendik serişdeleri ulanmak rugsat berilmeýär;

- Bäsleşige gatnaşýan okuwçylar soraglary hem-de ýumuşlary özbaşdak işlemeli. Bäsleşigiň geçirilýän wagty, goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürrüň eden ýa-da kitap-gazet we beýleki maglumat serişdelerini ulanan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar;

## IV. OLIMPIADANYŇ EMINLER WE GÖZEGÇI TOPARY

- Mekdep okuwçylarynyň biologiýa we himiýa dersleri boýunça olimpiadany üstünlikli geçirmek we jemini jemlemek üçin Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy tarapyndan eminler topary döredilýär;
- Orta mekdeplerinden jogapkär mugallymlar olimpiadanyň geçirilişine onlaýn wideoşekiller arkaly gözegçilik edip bilerler;
- Islendik gatnaşyjynyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bar. Arz-şikaýatlar bilen diňe toparyň ýolbaşçysy eminler toparyna elektron poçta arkaly ýüz tutup biler;
- Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

## V. OLIMPIADANYŇ JEMINI JEMLEMEK WE ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

- Olimpiadanyň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener;
- Olimpiadanyň netijesi beýanlar arkaly resmileşdiriler we eminler toparynyň netijenamasy esasynda gatnaşýan okuwçylaryň ýeňijileri yglan edilip, ýeňijiler barada maglumatlar uniwersitetiň web saýtynda ýerleşdiriler;
- Ýeňijiler Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy tarapyndan degişlilikde I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.

Habarlaşmak üçin telefon: +993 65969287

Email: ihba.olimpiad@gmail.com

***Guramaçylyk topary***